# Gyş aýdymy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gyş aýdymy GYŞ AÝDYMY

Wah, bolsady ýüz müñ frankym-pulum,
Alardym men gujak-gujak ter çemen.
Şäherime seçip al-elwan gülüm,
Gyşyñ gamgyn garyn erederdim men.

Meniñ ýüz frankym bolsady eger,
Guty-guty reñki alardym satyn.
Ýaşyl ýazy çekip gül- çeçeklerden,
Bezärdim şäheriñ ähli haýadyn.

Eger on frankym bolsady meniñ,
Tylla gün deý limon satyn alardym
Depesinde goýup buz ýaly pejiñ,
Hiç bolman, kalbymy ýyldyp bilerdim.

Emma zar men pula , gara şaýlyga,
Men ýylgyryp penjiräni açýaryn.
Mugtuna gir, meniñ gamgyn kalbyma,
Gyş jaýyma dolup, şugla saç, ýazym!

Moris KAREM.

Terjime eden: N.REJEPOW. Goşgular